***Mälim bolşy ýaly, Medeniýet hepdeligi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2013-nji ýyldan bäri Diýarymyzyň dürli sebitlerinde geçirilip, milli medeniýetiň köpöwüşginliligini aýdyň açyp görkezýär. Sungat forumy türkmen halkynyň ruhy mirasyny gorap saklamaga, öwrenmäge we bütin dünýäde giňden wagyz etmäge, döredijilik işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, täze zehinleri ýüze çykarmaga gönükdirilendir.***

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Medeniýet hepdeligi medeniýet toplumynyň agzybir işgärleriniň göwünlerini galkyndyrýan, döwletimiziň döredijilik kuwwatyny has-da ýokarlandyrýan sungat baýramydyr». Şoňa görä-de, Ahal welaýatynda geçirilýän Medeniýet hepdeligi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şöhratly wakalaryny has-da artdyryp, ýurdumyzyň medeniýet ulgamynda gazanylýan uly üstünlikleri dünýä ýaýmakda möhüm ähmiýetli medeni çärä öwrüler.

Abraýly halkara we sebit guramalary bilen netijeli dialogy ösdürmek ata Watanymyzyň oňyn bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir. Şunda, medeniýete, sungata aýratyn uly üns berilýär. Ýurdumyzda daşary ýurtlaryň Medeniýet günleriniň, daşary döwletlerde bolsa Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň dabaraly ýagdaýda geçirilmegi hem munuň aýdyň nyşanydyr. Bu babatda Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Diýarymyzda dostlukly ýurtlaryň Medeniýet günlerini, şonuň ýaly-da, daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini yzygiderli geçirmek indi asylly däbe öwrüldi. Olar dostana gatnaşyklarymyzyň hil taýdan täze derejelere çykmagyna ýardam berýär» diýip belleýär.

Şu gezekki Medeniýet hepdeliginiň çäklerinde meşhur ýerine ýetirijileriň we ýaş zehinleriň çykyşlary, surat, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, golýazmalaryň, saz gurallarynyň sergileri, opera we teatr eserleriniň, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan düşürilen täze filmleriň görkezilişi, usulyýet çäreleri, okuw maslahatlary, metbugat maslahaty, aýdym-sazly, edebi döredijilik duşuşyklary, şygryýet agşamlary guralar. Bu çäreler milli mirasymyzy düýpli öwrenmek, dünýäde wagyz etmek we geljek nesillere ýetirmek maksady bilen, onuň ägirt uly mümkinçiliklerini açmak üçin möhüm ugurlary kesgitlemäge hem ýardam berer.

**Muhammetmurat NARMEDOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby**.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026